Çagalar üçin Mukaddes Kitaby
hödürleýär



# Jennet, Hudaýyň Ajaýyp Öýi

Ýazan: Edward Hughes
Şekillendiren: Lazarus; Alastair Paterson
Adaptirlenen: Sarah S.
Terjime eden: Christian Lingua
Alyp baran: Bible for Children
www.M1914.org

BFC
PO Box 3
Winnipeg, MB R3C 2G1
Canada

©2021 Bible for Children, Inc.
Ygtyýarnama: Siziň bu hekaýany nusga almana we çap
etmäne hukugyňyz bardyr, ýöne satuw üçin däl.

Haçanda Isa ýer ýüzünde ýaşan wagty, Ol Öz şägirtlerine Jennet barada aýdyp berdi. Ol oňa "Atamyň Öýi" we ol ýerde kän ýaýlar bar diýdi. Ýaýla ullakan we owadan öý. Jennet, islän ýerdäki öýlerden, hem uly hem owadan.



Isa söze başlady: “Men gidip, siziň üçin ýer taýynlanymdan soňra, ýene gelip, sizi Öz ýanyma alyp giderin we Meniň bolýan ýerimde siz hem bolarsyňyz”. Isa ölüp direlenden soň Jennede gaýdyp bardy. Entek şägirtler oňa serdip durkalar, asman Ony kabul etdi, we ol şeydip şägirtleriň göz önünden ýitdi.



Şondan bäri Hristianlar Isanyň gaýdyp geljek wadasyny ýatlarynda sakladylar. Isa olara birden garaşmadyk wagtyň geljekdigi barada aýtdy. Ýöne onuň gelmezinden öň Hristianlar näme etmeli? Mukaddes Kitaby bize olaryň Isa bilen bile bolmaklary üçin göni gitýändikleri barada aýtýar. Teniňde bolmamak üçin,




Rebbimiz bilen bile bolmalydyrys.

Aýanlyk, Mukaddes Kitabyň soňky bölümi, bize Jennediň nähili ajaýyplygy barada aýdyp beýär. Iň esasy zatlaryň birem Jennet Hudaýyň Öýi. Hudaý hemme ýerde, emma onuň öýi Jennetdedir.



Perişdeler we başga jandarlar
Jennetde Hudaýa iman etýärler.
Şeýlelikde Hudaýa ynanan ähli
adamlar Jennede düşýärler.
Olar Hudaý üçin
ýörite aýdymlar
aýdyp alkyş
okaýarlar.



Ine olaryň aýtýan aýdymlaryndan bir näçe setirler: Sen mynasypsyň bu kagyzy almaga, hem-de onuň möhürlerini döwmäge. Çünki Sen damagyň çalnyp, Öz ganyň bilen, her tireden, her dilden, her halkdan hem-de milletden Hudaý üçin adamlar satyn alansyň. (Aýanlyk 5:9)



Mukaddes Kitabyň iň sonky sahypalary bize Jennedi "Täze Iýerusalim" diýip beýan etýär. Ol öz beýik diwary bilen gaty ägirt ullakan. Diwar ýaşma daşyndan gurlupdy. Şäheriň özi bolsa tegmiltsiz aýna ýaly sap altyndan bina edilipdi.



Şäher diwarynyň binýatlary her dürli gymmatbaha daşlar bilen bezelendi. On iki derweze on iki dürden, ýagny her derweze bütewi bir dürden ýasalandy. Şäheriň şaýoly sap altyndan bolup, aýna ýaly ýalpyldaýardy.



Ol dürdenli derwezeler hiç haçan ýapylmaýardy. Ýör daş töwerege seredip göreli ... WOW! Jennediň içi hasam owadan. Şäher sap altyndady. Şaýoly sap altyndan bolup, aýna ýaly ýalpyldaýardy.



Şäheriň şaýolunyň ortasynda, derýanyň her kenarynda Erdem bagynda tapylan ýaşaýyş daragty ösüp otyrdy.  Bu daragtlar her aýda miwe berip, ýylda on iki gezek hasyl getirýärdi.  Daragtlaryň ýapraklary milletlere şypa berýärdi.



Şäherde gije asla bolmaz.  Ne çyranyň yşygy, ne-de günüň nury gerek bolar, sebäbi Reb Hudaý olara nur saçar.



Hatda haýwanlaram Jennetde üýtgeşikdiler. Olar hemme wagt örän mähribandylar. Möjekler we guzular bile otlanýardylar. Hatda kuwwatly ýolbarlar öküzler ýalak ot iýýärdiler. Rebbimiz şeýle diýýär: “Meniň ahlak daglarymy döwaýmäň we bozaýmaň”.



Daş töweregimize seretsek, biz käbir zatlaryň Jennetde ýokdygyny üns bereris. Gahar-gazaply sözleriň ýokdygyny. Hiçkim uruş edenok, dawa edenok.

Gapylarda gulplar ýok, çünki Jennetde ogry ýok.



Emma “itler”, ýagny jadygöýler, zynahorlar, ganhorlar, butparazlar, ýalany söýüp, ony amal edýänler – bularyň bary şäheriň daşynda galar. Çünki Jennetde günä işler edilenokdyr.





Jennetde Hudaý bilen bile göz ýaş ýokdyr. Käwagtlar Hudaýa iman etýänler jebir çekýändileri üçin aglaýarlar. Jennetde Hudaý her bir göz ýaşy ýok eder.

Jennetde ölüm ýokdyr.  Hudaýyň adamlary hemmişe Rebbimiz bilendir.  Indiden beýläk gaýgy bolmaz, göz ýaş bolmaz, agry bolmaz.  Hiç hili kesel, aýralyk, hiç hili jaýlamalar bolmaz.  Jennetde hemmeler Rebbimiz bilen bile bagtly bolarlar.



Hasam Jennet Isa Mesiha iman eden we ony öz Hudaýy diyip kabul eden ýaş oglan-gyzlar üçindir. Jennetde Guzynyň (Isanyň) Durmuşy atly Kitaby bar. Onuň içi adam atlaryndan doly. Bilýäňizmi kimiň adyny ol kitaba ýazýarlar?

Isa iman bolan hemme adamlary.

Seniň adyň hem şondamy?



Mukaddes Kitabyň iň soňky sözleri Asman barada – ajaýyp çakylyk. “Mukaddes Ruh we Gelinlik ‘Gel!’ diýýärler. Eşidýän her kes hem ‘Gel!’ diýsin. Suwsan gelsin. Kim öz teşneligini gandyrmak islese, goý, ýaşaýyş suwundan mugt içsin!”



# Jennet, Hudaýyň Ajaýyp Öýi

Hekaýa Hudaýyň Sözi, Mukaddes Kitap barada,

ýerleşýän yeri

Ýohanna 14; 2 Korintoslylar 5;
Aýanlyk 4, 21, 22

"Siziň girizmä salan Sözleriňiz ýagtylyk şöhlesi ýalydyr." Zebur 119:130

Soňy

60

60

Bu Mukaddes Kitabynyň taryhy bize gudratly
Hudaýymyz barada, bizi döredenligi barada we biziňem
Ol hakynda bilmegimizi isleýänligi hakynda aýdyp berýär.

Hudaýjan biziň ýaman işleri etýänligimizi bilýär we oňa günä diýip at berýär. Günäniň jezasy ölümdir, ýöne Huday bizi nahili güýçli söýýär, Ol Öz yeke-täk ogluny, Isany, haçda ölmek üçin we biziň eden günälerimizi saplamak üçin dünýä indirýär. Ölümden soň, Isa (Iisus) ýenede direlip we öz öýüne, Jennede gaýdyp barýar. Egerde siz Isa iman etýän bolsaňyz we Ondan günäňizi geçmegini dileýän bolsaňyz, Ol ony hökman eder! Ol geler we siz bilen siziň durmuşyňyzda ýaşar we siz hem Ol bilen baky ömürlik ýaşarsyňyz.

Eger siz bu hakykada ynanýan bolsaňyz, onda o hakynda Hudaýa şeýle ýüzleniň: Eziz Isa, Senin Hudaýlygyňa we Seniň adam bolup meniň günälerimi saplanyňy we häzir Sen ýenede diri ýaşaýanlygyňa ynanýan. Haýyş, meniň durmuşyma gir we meniň Seniň bilen täze durmuşa başlamagym üçin we bir gün Seniň bilen baky ömürlik bile bolmak üçin meniň günälerimi geç. Maňa Seniň sözüňe boýun bolmana we Seniň perzendiň ýalak bolup ýaşamana kömek et. Omyn.

Mukaddes Kitaby okaň we Hudaý bilen gürleşiň. Ýohanna 3:16
Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk
Ogluny berdi. Ol muny Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk
bolman, baky ýaşaýşa gowuşmagy üçin etdi.